Internet sahyp üçin düzedip taýýarlan ; Timur Kor

## b) Çekimli sese gutarýan atlaryň düşüm bilen üýtgeyişleri

**140-nji gönükme.** Okaň we soňlary çekimli bilen gutaran atlara goşulan düşüm goşulmalaryny aýdyp beriň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Baş d. | Pagta | kitaby, | depderi. |
| 2. Eýelik d | Pagtanyň, | kitabynyň, | depderiniň. |
| 3.Yöneliş d. | Pagta | kitabyna, | depderine. |
| 4.Ýeňis d. | Pagtany, | kitabyny, | depderini. |
| 5.Wagt-orun d, | Pagtada, | kitabynda, | depderinde. |
| 6.Çykyş d, | Pagtadan, | kitabyndan, | depderinden. |

Olluk ýöňkemesindäki atlara *(kitaby, depderi)* goşulỳan düşüm goşulmalaryna üns beriň.

**Çekimli sese gutarýan atlaryň düşüm goşulmalary şulardyr**

| Düşümleriň atlary | Düşümleriň malary | Mysallar |
|---|---|---|
| 1.Baş d. | - | 1. Mata, göle, atasy, jigisi. |
| 2. Eýelik d | -nyň, -niň | 2. Matanyň, göläniň, atasynyň,<br>ň. |
| 3.Yöneliş d. | -a, -e(ä),-na,-ne | 3. Mata, göla, atasyna, jigisne |
| 4.Ýeňis d. | -ny, -ni | 4. Matany, göläni, atasyny, jigisni |
| 5.Wagt-orun d, | -da, -de<br>nda, -nde, | 5. Matada, gölede, atasynda, jigisinde |
| 6.Çykyş d, | -dan, -den<br>-ndan, -nden | 6. Matadan, göleden, atasyndan,<br>en |

1. Çekimli bilen gutarýan atlaryň düşüm goşulmalaryny öwreniň we biliň.

2. Olluk ýöňkemesindäki atlara *(atasy, jigisi)* ýöneliş, wagt - orun, çykyş düşümlerinde nähili goşulmalar dyr?

**141-nji gönükme.** Aşakdaky atlary düşüm bilen üýtgedipl depderiňize ýazyň we düşüm
ılarynyň aşagyny çyzyň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1.Baş d. | Tagta | alma | aýagy, | eli. |
| 2. Eýelik d | ----------- | ----------- | ----------- | ----------- |
| 3.Ýöneliş d. | ----------- | ----------- | ----------- | ----------- |
| 4.Ýeňis d. | ----------- | ----------- | ----------- | ----------- |
| 5.Wagt-orun d, | ----------- | ----------- | ----------- | ----------- |
| 6.Çykyş d, | ----------- | ----------- | ----------- | ----------- |

Olluk ýöňkemesindäki atlara ***(aýagy, eli)*** goşulan düşüm goşulmalaryny aýdyp beriň.

**142-nji gönükme.** Okaň we her sözlemdäki ***Ata*** sözüniň haýsy düşümdedigini  we şol düşümiň
ısyny aýdyň.

Ata kitap aldy. Atanyň kakasy sazanda. Ol öz ogly Ata dutar çalmagy öwredýär. Geçen tomus Atany
je iberdiler. Atada surat çeker ýaly dürli galam bar. Men Atadan dürli galam aldym.

***ussahana***

**143-nji gönükme.** Sözlemleri göçüriň. Has gara ýazylan atlaryň haýsy düşümdedigini  we sol
ı goşulmasyny aýdyp beriň.

1. Meniň ejem **mata** dokaýar. **Matanyň** dürli görnüşleri bolýar. Aşgabadyň fabriklerinde **matany** köp
ılar.

2. **Gözelde** suratly kitap bar. **Mergeniň** kakasy işçi. Onuň **kakasynyň** oňat dostlary bar.

3. Kakaň **şähere** gitdimi? Ol **şäherden** haçan geler?

**144-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we has gara ýazylan atlary nusgadaky ýaly edip, depderiňize

1. **Partanyň üstünden** kitaplaryňyzy aýryň. Partany hapalamaň.

2. Ejemiň dokan **halysyny** sergä iberdiler.

3. **Men Atadan** hat aldym. **Atany** çagalar dynç alyş öýüne iberdiler.

4. **Almada** peýdaly zatlar köpdür.

Turkmenkultr.com

N usga:

Üstünden -üst - asyl söz, ü -üçünji ýönkemäniň goşulmasy,

-nden — çykyş düşümiň goşulmasy.

**145-nji gönükme.** Aşakdaky atlary düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Palta, dogany, ýegeni.

**146-nji gönükme.** Okan we soraglara jogap beriň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1. Çary, | deri, | goşgy | süri. |
| 2. Çarynyň, | deriniň, | goşgynyň, | şiiriniň. |
| 3.Çara, | derä, | goşga, | süra. |
| 4.Çaryny, | deriňi, | goşgyny, | sürini. |
| 5.Çaryda, | deride, | doşguda, | sürüde. |
| 6.Çarydan, | deriden, | goşgudan, | sürüden |

1.Ýokardaky atlaryň soňy baş düşümde nähili çekimliler bilen gutarýar?

2. Şol çekimliler ýöneliş düşümde haýsy çekimlä öwrülỳärler?

3. Bu atlar wagt-orun we çykyş düşümler bilen üỳtgände, olaryň ikinji bogundaky çekimlilerde nähili üỳtgeşiklik ỳüze çykỳar?

*Y* we I çekimlilerine gutarýan asyl atlaryň
daky *y, i* ýöneliş düşümde *a, ä* çekimlilerine
ỳärler. Meselem: *gapy*
*ı, deri - derä.*

Iki bogunly asyl atlaryň birinji bognunda dodak çekimli
onda olaryň ikinji bognundaky *y, i* wagt-orun we çykyş
ılerde *u, ü* dodak çekimlilerine
ỳärler. Meselem: *goşgy - goşgudan,*

*e, sürüden.*

**147-nji gönükme.** Okaň. Baş düşümdäki asyl atlaryň soňundaky ***y, i*** çekimlileriniň ýöneliş, wagt-orun, çykyş düşümlerde haýsy çekimlilere öwrülỳändigini aýdyň.

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1.Baş d. | Gapy | howly, | geçi |
| 2. Eýelik d | Gapynyň, | howlynyň, | geçiniň |
| 3.Yöneliş d. | Gapa | howla, | geçä |
| 4.Ýeňis d. | Gapyny, | howlyny, | geçini |
| 5.Wagt-orun d, | Gapyda, | howluda, | geçide |
| 6.Çykyş d, | Gapydan | howludan, | geçiden |

*Gapy, howly* sözleriňiň düşüm bilen üỳtgän görnüşini depderiňize göçüriň.

**148-nji gönükme.** Sözlemleri göçüriň. Ýaýyň içindäki atlary degişli düşümlerde getirip, ỳaydan ỳazyň.

1. Men tomus kakam bilen (Mary) gitjek.

2. Sen (Berdi) meniň aýdanlarymy düşündir.

3. Ussa (gapy) çüỳ kakdy.

4. Bu (goşgy) näme hakda aýdylýar?

5. Çagalar, (howly) daşaryk çykmaň!

*** 

**149-nji gönükme.**Aşakdaky atlaryň her birini ýöneliş, wagt-orun we çykyş düşümlerde ulanyp, içinde getiriň we depderiňize ýazyň.

Süri, Mary, guzy.

N u s g a : *Men Mara gitdim. Maryda meniň daýymlar ýaşaýar. Men Marydan otly bilen gaýtdym.*

**150-nji gönükme.** Ýaýyň içindäki atlary degişli düşümlerde getirip, sözlemleri göçüriň.

1. Myhmanlar (howly) girdiler. (Howly) başga-da oturanlar köp eken. Biz (howly) daşaryk çykdyk.

2. (Deri) düz beriň.

Turkmenkultr.com

3. Daýym **(Gokjülge)** gitdi. Maksat goýunlary (süri) goşup geldi.

4. Bu gyzyň ady Dürli. (Dürli) gyzykly kitaplar bar.

N u s g a : ***Myhmanlar howla girdiler.***

***Gökjülge***

***Ýatda saklaň!*** Birinji bogunda dodak çekimlisi
olluk ýöňkemedäki iki bogunly atlaryň soňky
ılisi baş düşümden beýleki düşümlerde
ılandyrylýar.

Meselem: *ogly, oglunyň, ogluna, ogluny,*
*da, oglundan.*

*Gözi, gözüniň, gözüne, gözüni, gözünde, gözünden.*

**151-nji gönükme.** Olluk ýöňkemesinde gelen aşakdaky atlary düşümler bilen üýtgedip, depderiňize

Ogly, güli, guzusy, geçişi.

N u s g a :

| | |
|---|---|
| 1.Baş d. | *Ogly,* |
| 2. Eýelik d | Oglunyň, |
| 3.Yöneliş d. | Ogluna, |
| 4.Ýeňis d. | Ogluny, |
| 5.Wagt-orun d, | Oglunda, |
| 6.Çykyş d, | Oglundan |

**152-nji gönükme.** Sözlemleri okaň we göçüriň.

1. Bir **sürüde** birnäçe ỳüz goýun bolýar.

2. **Gülkä** gülmek aýyp däldir

3. Sen **Durdydan** galam aldyňmy?

4. Siz maňa uly **köprüde** garaşyň.

Turkmenkultur.com

5. **Dara** çozan towuk ýaly ylgaşýarlar.

Has gara ýazylan atlaryň haýsy düşümdedigini , düşüm goşulmasynyň goşulmagy bilen asyl atlaryň ıky çekimlilerde nähili üýtgeşikligiň ýüze çykanlygyny aýdyň.

* * *

**153-nji gönükme.** Bu atlary ähli düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

Kadi, tokly, gözi, dürbi.

1. Düşüm bilen üýtgeden atlaryňyzyň soňy baş düşümde nähili sesler bilen gutarýar?

2. Olaryň soňundaky çekimliler haýsy düşümlerde başga çekimlilere öwrülýärler?

* * *

**154-nji gönükme.** Okaň we soraglara jogap beriň.

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| 1.Baş d. | Göle | küme, | dere, | käse. |
| 2.Eýelik d. | Göläniň, | kümäniň, | deräniň, | käsäniň. |
| 3.Ýöneliş d. | Gölä, | küma, | derä, | käsä. |
| 4.Ýeniş d. | Göläni, | kümäni, | deräni, | käsäni. |
| 5.Wagt-orun d. | Gölede, | kümede, | derede, | käsede. |
| 6.Çykyş d. | Göleden, | kümeden, | dereden, | käseden. |

1. Ýokarky atlaryň soňy baş düşümde haýsy çekimli bilen gutarýar?

2. Şol çekimli eýelik, ýöneliş we ýeňiş düşümlerde haýsy çekimlä öwrülýär?

Soňlary *e* çekimlisine gutarýan atlar eýelik, ýönelişi we ýeňiş düşümler bilen ıde, sol *e* sesi *a* sesine ýär. Meselem: *käse - käsäniň, käsä, käsäni.*

*keçe - keçäniň, keçä, keçäni.*

**155-nji gönükme.** ***Şüle, terne, düýe*** sözlerini düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň. Eýelik, we ýeňiş düşümlerde ***e*** çekimlisiniň ***ä*** sesine öwrülýändigini unutmaň.

**156-nji gönükme.** ***Serçe*** sözüniň deňiden ene, selme, güýe diýen atlary düşüm bilen üýtgedip, ňize ýazyň.

| | |
|---|---|
| 1.Baş d. | Serçe, |
| 2.Eýelik d. | Serçäniň, |
| 3.Ýöneliş d. | Serçä, |
| 4.Ýeniş d. | Serçäni, |
| 5.Wagt-orun d. | Serçede, |
| 6.Çykyş d. | Serçeden |

**157-nji gönükme.** Ýaýyň içindäki atlara degişli düşüm goşulmalaryny goşup, sözlemleri okaň.

1. (Ene) birinji toparyň başlygy edip saýladylar.

2.Gaýnadylan (selme) gatyga garyp iýmek bolar.

3. Bu (ige) mekdebimiziň ussahanasy üçin aldym.

4. Gözel, (göle) ot-suw beriň.

Ýaýyň içindäki atlara haýsy düşümleriň goşulmasyny goşduňyz we, şonda asyl atlaryň soňundaky e
si haýsy çekim öwrülýär?

* * *

**158-nji gönükme.** Bu atlary ähli düşümler bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň we düşüm
alarynyň aşagyny çyzyň.

Göle, düşekçe, çemçe.

* * *

**159-nji gönükme.** Özüňizden soňlary ***e*** çekimlisi bilen gytarýan üç sany at sözüni tapyň we olary
bilen üýtgedip, depderiňize ýazyň.

**160-nji gönükme.** ***Mele, göle*** sözlerini eýelik, ýöneliş we ýeňiş düşümlerde ulanyp, sözlem içinde
lem-de depderiňize ýazyň.

N u s g a : Meläniň jigisi Sary birinji klasda okaýar.

Ol Melä öz çeken suratyny görkezdi. Sary Meläni gowy görýär..

Turkmenkultr.com

**161-nji gönükme.** Has gara ýazylan atlary degişli düşümde getirip, sözlemleri göçürin.

1. Çagalar (serçe) köne höwürtgesini tapdylar. Olar (höwürtge) görnüşini üýtgetmän, mekdebe getirdiler.

2. Biz (göle) iým berdik. Men (düýe) ot getirdim.

3. Sen (Körpe) gördüňmi? Öl (käse) çaý guýdy.

* * *

**162-nji gönükme.** Aşakdaky soňlary çekimli sesler bilen gutaran atlary düşüm bilen üýtgedip,
ňize ýazyň.

Guty, Läle, geçi, ogly.

Şular ýaly atlar düşümler bilen üýtgände, olaryň soňundaky Çekimlilerde nähili üýtgeşmeler bolýandygyny

* * *

**163-nji gönükme.** Sözlemleri göçüriň. Ýaýyň-içindäki degişli düşümde getirip, ýaýyň içinden
ýazyň.

1. Gurban (daýy) goşun gullugyndaky oglundan hat geldi.

2. Çopanlar (guýy) gowa salladylar, suw çekdiler.

3. Haýwanat bagyndaky (aýy) suw berdiler.

4. (Läle) kakasy mugallym.

Gowa sözüniň manysyny sözlükden öwreniň.

* * *

**164-nji gönükme.** Şygry labyzly okaň we has gara ýazylan sözleri düşüm bilen üýtgedip, depderiňize

## Çaga

(gysgaldylyp alyndy)

ta-enäniň göz guwanjy,

Mähribany bolan **çaga.**

Deňäp bolmaz tylla-genji,

Bir ýylgyrşyň bilen **çaga.**

Senden pesdir siliň **güỳji,**

Bar tagamdan mähriň **süỳji,**

Garrylaryň berk söỳenji,

Erkin oýnap, gülen çaga.

*A. Baýmýradow*

Guwanç, mähir sözleriniň manysyny sözlükden öwreniň.

Turkmenkultr.com